# Tün gider, gündiz geler, gör, nijesi uz geler…

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Tün gider, gündiz geler, gör, nijesi uz geler…



Tün gider, gündiz geler, gör, nijesi uz geler,
Patyşah hökmi ile äleme düp-düz geler.
Garaňkylyk sürüler, älem münewwer olar,
Garaňkylyk ýerine nur ile gündiz geler.

Bir bakgyl saga, sola, dagylma degme ýola,
Diňleýe guş üýnüni, niçe dürli saz geler.

Guş hut ýumurtga idi, ýuwa hut perde idi,
Üýn hut gudrat üýnüdir, bilmeýäne gaz geler.

Söz yssy sözün alar, surat toprakda galar,
Her kim bu haly biler, kend-özünden waz geler.

Yşk menligim äkitdi, akyl dört ýana gitdi,
Ýunusyň ýüki ýetdi, bilmeýäne az geler. Goşgular